# Soňky sonet

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Soňky sonet SOŇKY SONET



Sen bilip bilmersiñ meniñ halymy,
Gel, şoñ üçin bes edeli bu gepi.
Duýgularym akar ýabyñ balygy,
Olary synlaýan dyzymy epip.
Şahalaryñ arasynda ýyrtylan
Ýaz şemaly ýaly persala ýürek,
Bir gün gelse öwrüler-de pyntyga,
Roýuny üýtgeder misli gök derek.

Gök derekli akar ýabyñ boýunda,
Bile oýun-gülki etmedik oglan.
Utanç-haýa egnimizde geýim deý,
Agzyndan süýt ysy gitmedik oglan.

Kalbymy goýberseň sowuryp ýele,
Yzyna gaýtaryn öwürip güle. Goşgular